**Almata, Gazagystan, 2024-nji ýylyň 14-nji maýy —** ABŞ-nyň Halkara ösüş guramasy (USAID) 13-nji Merkezi Aziýa söwda forumyny (CATF) açdy. Şu ýylky “Söwda baglanyşyklary: Global köprüler” atly forum aragatnaşyk, täjirçilik we söwda syýasatyny ösdürýän sebitdäki esasy söwda wakalaryň biridir.

Aziýanyň, Ýewropanyň, Ýakyn Gündogaryň, Angliýanyň we ABŞ-nyň 300-den gowrak işewür ýolbaşçylary we döwlet işgärleri Merkezi Aziýada söwdany ösdürmegiň usullaryny öwrenmek üçin Gazagystanyň Almaty şäherinde duşuşýarlar. Maslahat sessiýalary sanlylaşdyrmak işlerine, ulaga, logistika, sazlaşyga, söwdany kadalaşdyrmaga, Bütindünýä Söwda Guramasynyň ülňülerine we Merkezi Aziýadaky söwda päsgelçiliklerine bagyşlanýar.

Waşingtonyň, Kolumbiýa okrugyndan gelip forumda çykyş eden USAID-yň dolandyryjysynyň kömekçisiniň uly orunbasary Zeýna Salahi: “On ýyldan gowrak mundan ozal döredilen bu forumy goldaýandygymyza buýsanýarys, söwda hyzmatdaşlygynyň ýokarlanmagy has durnukly, gülläp ösýän we birleşdirilen Merkezi Aziýany döredip biler” diýip belledi.

Döredileli bäri CATF 32 million dollardan gowrak möçberdäki şertnamalaryň baglaşylmagyna ýardam berdi we 25 ýurtdan 10000-den gowrak hökümet we işewür ýolbaşçylary kabul etdi.

Beýleki esasy çykyş edenleriň arasynda Merkezi Aziýanyň Söwda ministrlikleriniň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasynyň, QazTrade, Trans-Hazar halkara ulag ýollarynyň birleşmesiniň we Ýewropa-Kawkaz-Aziýa ulag koridorynyň (TRACECA) wekilleri bar.

CATF bilen bir wagtda şu aşakdakylar ýerine ýetirilýär:

- Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistandan 40 kompaniýanyň gatnaşmagynda söwda sergisi, halkara alyjylar üçin oba hojalygy, dokma, tikin we azyk önümlerini hödürleýär. Söwda sergisi Gazagystanyň Söwda we integrasiýa ministrligi we Almaty söwda we maýa goýum palatasy bilen hyzmatdaşlykda geçirilýär.
- Merkezi Aziýada söwda mümkinçiliklerini öwrenýän 40 sany pakistanly zenan telekeçiniň gatnaşmagynda aýal-gyzlar bilen işleýän kärhanalar üçin Pakistan-Gazagystan söwda mümkinçilikleri forumy.. Forum USAID-yň Pakistanyň sebitleýin ykdysady integrasiýa maksatnamasy (PREIA) tarapyndan guraldy.
- Milli söwdany ösdüriş komitetleriniň 11-nji sebitleýin ýygnagy, ol gümrük, ulag, fitosanitar sertifikatlaşdyryş we weterinariýa serhedine gözegçilik etmek üçin Merkezi Aziýa ýurtlarynyň bäşisiniň işewür ýolbaşçylaryny we işgärlerini birleşdirýär. “Merkezi Aziýada söwda amallaryny ýönekeýleşdirmek ” atly taslamasynyň goldawy bilen

Все права защищены

gurnalan we Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti (GIZ) tarapyndan amala aşyrylan bu duşuşykda  söwda proseslerini sanlylaşdyrmak üçin ýol kartalary we sebitde söwda amallaryny optimizirlemek üçin bilelikdäki hereket meýilnamasyny düzmek meselesi ara alnyp maslahatlaşylýar.

CATF-yň esasy hemaýatkärleri USAID-yň Merkezi Aziýa söwda taslmasy, Ýewropanyň dikeldiş we ösüş banky we GIZ. Metbugat hyzmatdaşlary "Astana Times", "Exclusive.kz", "Profit.kz", "Kapital.kz" we "Orient Media Türkmenistan".

Has giňişleýin maglumat üçin www.catradeforum.org  #catf2024 saýta girmegiňizi haýyş edýäris.

*Merkezi Aziýa ýurtlary soňky iki onýyllykda möhüm ösüş gazandylar  we ajaýypösüş mümkinçiliklerine eýe boldylar. Soňky 20 ýylda sebitiň jemi içerki önümi (JIÖ) 347 milliard ABŞ dollaryna ýetip, her ýylda  ortaça 6.2 göterim ýokarlandy. 2000-nji ýyldan bäri daşary söwda ýedi esse artdy. 2022-nji ýylda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň umumy importy we eksporty takmynan 190 milliard ABŞ dollaryna barabar boldy.*

Все права защищены